# Doglan günüm gutlaglarda edilen dilegleriň täsirinde sere gelen setirler

Category: Goşgular,Gutlaglar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Doglan günüm gutlaglarda edilen dilegleriň täsirinde sere gelen setirler DOGLAN GÜNÜM GUTLAGLARDA EDILEN DILEGLERIÑ TÄSIRINDE SERE GELEN SETIRLER

*Uzak ýaşy elbetde, kim isleýär, kim islemeýär.*
*Ol adam ykbalyna, saglyk ýagdaýyna hem bagly.*

Hergiz, dilemä:ýiň şol uzak ýaşy,
Islämok ýowuz hem sowulmaz gyşy.
Diýselerde doýma ýokdur panydan,
Jara dökjek, şol gözgyny durmuşy?!

Ba:r han-ha, ser uran sekiz onluga,
Aýdyň zat, däl indi oňky gowluga.
Birege dert bolsa, birege gülki,
Mydar edýär küýkerilen horluga.

Garra syrdaşlygy tapylmaz oňlan,
Mejbury ýükdür ol, hossara daňlan.
Hat-da birçak Görogly dek ärler hem,
Garransoň daglaryň gowagna zyňlan.

Ykbal, mejalsyz hal berip, soldurma,
Ýakyn-ýadam dert, alada galdyrma!
Garrylygy gülki saýýan biweje,
Oýnadyp, ol güýçsiz hala güldürme!

Ejizligi, sansyzlygy nädeýin,
Gaýgy hem ýük, gülki bolman gideýin! Goşgular